# Amerikan halky neçüýn gahar-gazaba mündi?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Amerikan halky neçüýn gahar-gazaba mündi? AMERIKAN HALKY NEÇÜÝN GAHAR-GAZABA MÜNDI?

Amerika ot-ýalnyñ içinde! Şäherler ýakylyp-ýykylýar, polisiýanyñ ulaglary we polisiýa bölümçeleri oda berilýär, dükanlar talanýar!
Dünýäniñ iñ güýçli ýurduny gahar-gazap gaplap aldy!
Polisiýa işgärleri tokly dubinkalar, göz ýaşardyjy gazlar, plastiki oklar ulanmak arkaly jynsparazlygy we faşizmi ýazgarýan halky saklamaga çalyşýar.
Sekiz ştatda goşun bölümleri çagyryldy, ýigrimi bäş şäherde köçä çykma gadagançylygy girizildi.
Bularyñ ählisi üç gün arakesme bilen iki garaýagyz ýigidiñ öldürilendigi sebäpli boldumyka?
Ýok! Polisiýanyñ deslapky zalymlygy halkyñ sabyr käsesini dolup-daşdyran iñ soñky damjadyr.
Adamlaryñ ýüreginden pürkülip köçelere dökülen ýigrenç Prezident Trampyñ faşizmine garşy görkezilen garşylykdyr.

■ **“DEM ALYP BILEMOK!”**

Derek Çauwin atly bir akýagyz polisiýa işgäri ýere ýatyran Jorj Floýd atly bir garaýagyzyñ bogazyna dyzy bilen basýar. Görgüli:
– Dem alyp bilemok… Dem alyp bilemok… – diýip iñleýär.
Emma jynsparaz poliseý şeýle bir wagşy, şeýle bir ynsapsyz, şeýle bir rehim-şepagatsyz… Ol dyzyny adamyñ bokurdagyndan çekenok…
Öldürme prosesi tegelek dokuz minut dowam edýär… Umytsyzlyk içre çyrpynýan adam ahyrsoñy ölýär.
Jenaýatyñ hasam gorkunç tarapy bar, olam wakanyñ bolan

ýerindäki beýleki üç sany akýagyz polisiýa işgäriniň garaýagyz adamyň ölümine perwaýsyzlyk bilen tomaşa etmeleri!
Bu minutlar diňe garaýagyz ýigidiň däl, eýsem adamzadyň ölýän pursatlarydyr!

## ■ TRAMPA GARŞY TOLGUNŞYK

Ýüeekleri syzladan bu waka Amerikadaky jynsparazçylygyň ýigrenji ýüzüni ýene bir gezek görkezdi.
Akýagyz poliseýiň jenaýatyny tötänden şol ýerden geçip barýan biriniň el telefony bilen wideoýazgy etmegi ABŞ-ny aýaga galdyrdy, ýurduň çar künjünde galagoply wakalar ýüze çykdy.
Bu protest tsunamisi (tupany) diňe Jorj Floýd atly jenaýatda güman edilýän garaýagyz ýigidi akýagyz poliseýiň öldürendigi sebäpli asmana galdymy?
Ýok! Adamlary aýaga galdyran Prezident Trampyň ýöredýän akyl-paýhassyz syýasaty netijesinde ýurdy boýlan faşizmdi!
Jynsparazluk we işsizlik bilen birlikde Trampyň başly-barat çykyşlary halkyň halys etinden ötüp, süňküne ýetipdi!

## ■ GÜLLE ÝAGYP BAŞLAR

Protestçiler Ak tamy gabap, Prezidentiň oturýan ýerine howp salyp başlady welin, Tramp halka «Garakçylar!» diýip, sesiniň ýetdiginden gygyryp, haýbat atmaga durdy:
– Talaňçylyk başlasa, güllelerem ýagmaga başlar… Eger Ak tamyň haýadyny aşyp howlyň içine girseňiz, size adamçy itler, gizlin gullugyň işgärleri howply ýaraglar bilen hüjüm eder. Masgara bolarsyňyz!

## ■ JYNSPARAZLYK WE FAŞIZM

Amerikany “täzeden iň beýik döwlete öwürjekdigini” aýdyp, wezipä gelen Tramp ýurtda täze faşizm döwrüniň başyny başlap, halky lapykeçlige uçratdy!
Polisiýanyň eden-etdiliginiň tarapyny çalýan, jynsparazçylykly, dinparaz, meçew beriji çykyşlary Trampyň ýakynlaşýan Prezidentlik saýlawynda ýeňiş gazanma mümkinçiligini ep-esli azaltdy. Onuň indi Prezidentligi

gaýtadan gazanma ähtimallygy mümkin däl.
Barha artýan köpçülikleýin wakalar, hususanam garaýagyz işçiler synpynyñ, işsizleriñ, garyplaryñ, güzerany kynlaşan ähli adamlaryñ nägileligi Trampyñ ýaramaz, başly-barat we faşizmi ýatladýan paýhassyz hereketleri sebäplidir.
Amerikany koronawirus ýokanjyndan has beter jynsparazçylyk we faşizm ýakyp-ýandyrýar!
Dünýäniñ birinji markaly ýurdunda birnäçe gün bäri bolup geçýän gynandyryjy, ganly wakalar diñe ABŞ-na däl, eýsem awtoritar häkimiýetlere, despotlyga we faşizme meýilli ähli ýurtlaryñ ýolbaşçylaryna sapak bolmalydyr!

## ■ Henek: ÝÜKI ÇEKÝÄN KIM?

Günümizde birnäçe magnatyñ başlaryny ýaýkap “Halymyz neneñ borka?” diýip derdinmegi şu henegi ýatladýar:

Iki sany uly öküz arabany çekip barýarmyş. Olaryñ demi çykmasa-da, arabanyñ tigirleriniñ jygyldy sesi iñläp janyñy alyp barýarmyş.
Öküzler tigirlere seredip:
– Äl-eýt! – diýenmişler: – Size näme bolýar beýle? Ýüki çekýän biz, iñleýänem siz!

## ■ GÜNÜÑ SÖZI

*Demokratiýanyñ kemçilikleri bar, emma bu kemçilikler ýene-de demokratiýanyñ özi bilen düzedilýändir!*

Rahmi TURAN.

«Sözcü» gazeti, 02.06.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Publisistika